# Kagyz ýürek / satiriki kyssa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kagyz ýürek / satiriki kyssa KAGYZ ÝÜREK




Ýigit päk niýeti göwnünde besläp, kitap satyjy gyz bilen tanyşmakçy boldy. Şol maksat bilenem dükana bardy. Ol ýer, onuñ bagtyna, çolalykdy. Gyzyñ adyny öñ birinden sorap eşidipdi. "Ho-o-op ýagşy, indi onuñ bilen ýürekden gürleşäýmek galýar" diýip, ýigit gözüne urlan ýaly bolup, dükana süsdürilip girdi. "Möjek goýna darajak bolanda bärden agzyny açyp barýamyş. Menem dogumly hereket edeýin" diýip, ol oýlandy.

– Güljemal jan… – diýip, gyza ýüzlenmekçi bolandan, satyjy gyz öñürdip:

– Ýalñyşýañ, oglan, Güljemal jan däl – diýip, sözüne dyngy berdi. Şol wagt ýigit pursaty elden bermän, aljyraman:

– Bagyşlañ, Güljemal – diýip düzetdi. Ýöne welin, gyz ýeser ekeni.

– Bilmediñ, Güljemal janam däl, ýöne Güljemalam däl, "Güljemal han" bolmaly.

– Bagyşlañ, Güljemal han, men seniñ bilen gürleşmäge geldim – diýip, ýigit gyza dikanlap seretdi. Emma gyz oglana seretmedem.

– Awtory belli ýazyjymyz Gylyç Kulyýewdir, bahasy… hol tördäki tekjede durandyr. Alyp bilersiñ – diýip, gyz öz işi bilen boluberdi. Ýigit añk-tañk boldy. Ýene özüni dürsäp şeýle diýdi:

– A gyz, sen medeni harytlary satýanam bolsañ sende mylakat, mähir uçgunlary ýok-la?!

– Näme üçin ýok. Bar. Honha, "Türkmen edebiýaty" diýen bölümde ýazyjy Hydyr Derýaýewiñ "Mähir uçgunlary" diýen romany

hol aşakky tekjede ýatyr – diýip, gyz bir nokada seredip jogap berdi.

– Güljemal, düşün, men… jan serek… – diýip, ýigit sägindi.

– Gijä galdyň, oglan. Birküç ýyl mundan öň gelmeli ekeniň. Ol diýýäniň eýýäm satyldy. "Janserek" ýaly kitap bolsa bize-de gerek. Plan gyssaýar, plan – diýip, gyz uludan demini aldy. Ýigit:

– Wah, gijigen ökünç, köýen ýyllar! – diýip ah çekdi.

– Gylyç Kulyýewiň "Gijigen ökünjiniň" rusçasam, türkmençesem bardyr. Gowşut Şamyýewiň "Köýen ýyllary" öňräk bolupdy. Satyldy. Tussagyň durmuşyndan.

– Beh, bu gyzy. Hemme zady dyrnagynda görýän ýaly. Mähekdaş bol-a – diýip, ýigit pikirini daşyna çykardy.

– "Mähek daş" ýeke saňa däl, hemme okyja-da gerek kitap. Şobada alyp gutardylar. Özüm üçin öýde ätiýaçdan ýekejesini alyp goýdum. Gaty okasyň gelse ertir getiräýerin.

– Getirmäň, şu gün men size barýaryn.

– Bizde işiň ýok. "Men size barýaryn" şu ýerde-de bar. Kiosklardan-da tapylýar. Oňat goşguly kitap. Köpräk çykypdyr.

– Haý, keç ykbal, täleýi ters – diýip, maňlaýyna elini ýetirdi.

– Gam çekme, oglan. Geregiň "Ykbal" bolsa ony tapaýarys. Hydyr aganyň tomluklaram bizde bardyr.

– Güljemal, gönümden gelsem men seni söýýärin – diýip, ýigit ýüregine daş baglap dillendi. Gyz özüni parahat saklap jogap berdi.

– Janyň sag bolsun. Rusçasy gerekmi, ýa türkmençesi?! Awtory Gurbandurdy Gurbansähedowdyr – diýdi-de, gyz kitapdan ikisini getirdi.

Ýigit uludan demini alyp:

– A gyz, oňatja gürleşeli-le. Seniň aýlawly gepleriňe men kän bir düşünibem baramok. Men oba oglany – diýip, boýnuny sallap durdy. Gyz:

– Şahyr Sapar Öräýewiň "Oba oglany" diýen şol kitabyny gelip alyp başladylar. Azarsyz-bizarsyz geçdi gitdi – diýdi.

– Ýakdyň, köýdürdiň, örtediň uly gyz – diýip, ýigit gamgyn halda boýnuny burup, bir zat diýjek boldy weli gyz jogaby nesýä goýman nagt etdi.

– Wah, ýazyjy Şirinjemal Geldiýewanyň "Uly gyzyndan" häzir elli müňi bolaýsa! Satyp planymy bir dolsadym. Özüňiz

ýaly oglanlar "Uly gyzyñ" aşygy, ýaşlar gaty gyzyklanýarlar. Gyzlar hem ölemen okajaklar. Onda söýgi bar. Ýok, "Uly gyzyñ" ejirini çekeniñden, bar "Gelinlerden" alaýsana. Häzir bize täze geldi. Oñat kitap ol. Awtory Rejep Allanazarow – diýip, gyz müýnsüz jogap berdi. Ýigit hyrçyny dişläp ýumrugyny düwüp, gahar-gazaba mündi.

– Hoş gal, gara gözler! – diýip çykyp gitdi. Gyz yzyndan gygyrdy:

– Aýu, oglan, öýkeleme, "Gara gözler" mende ýok. Bar bolsa gysganmazdym. Ogultäç Orazberdiýewa ýene kitap ýazar-da.

Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar